# Ak buýnuzly ak maral

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ak buýnuzly ak maral AK BUÝNUZLY AK MARAL




Atyp gelýän daňa salam berýän deý,
Dag maraly daga çykdy ir bilen.
Awçy ýigdem geýip şypyrmasyny
Haýdap barýar şo-ol marally kemere,
Garpyşjak deý dag peleňi – Şir bilen.
O käte ýapyrlyp, kä emedekläp,
Käte ýylan kimin süýşüp barýardy.
Öz ýanyna geçirip tez maraly,
Arzuwlaň tanapyn iýşip barýardy.

Çeşmä ýetip gelýän käkilik sürsem

Bu awçyñ niýetin añan dek ylla.
Owazdan dolduryp gülli deräni
Gaçdylar: Belet biz diýýän dek güllä!

O betniýet welin ýaplandy daşa,
Dagyñ tez maralny alyp nyşana.
Ah, – maral,
Ak maral, gir gür jeññele,
Şam bolýarsyñ ýogsa o betnyşana!..

Ne meniñ sesimi eşitdi maral,
Ne-de duýgurlygy ýetdi dadyna.
Ýaman ýeri ýanyndaky owlaklar
Köýäýmeli boldy käbäñ oduna.

Görgür göreçleri gapylan maral,
Ýene awça bakyp gerindi telim.
Onýança-da ony ýere çüýledi,
Daglary lerzana getiren ölüm.

Göwnüme dag-dere doñup bu hala,
Meñem ýüregimi çirkizdi oda.
Zähresi ýarlara gelen körpeleñ
Hersi bir top arça sümdi şo bada.

…Heý-de, körpeleriñ beýle ahwalyn
Görmekden ýaman zat barmy dünýäde!?

Anna GURTGELDIÝEW.

«Ýaş kommunist» gazeti, 1973 ý. Goşgular